Iýul–Sentýabr 2002/N°3

# Amerikanyň Ýaňy





*2002-nji ýylyň 4-nji iýul baýramçylygyň bellenilişi. Türkmenistandaky ABŞ-nyň ilçisi Lora Kennediniň öýünde geçiren dabaraly kabul edilşik mahalynda. Baýramçylyk dabarasyna bagyşlanan amerikan deňiz pyýada goşunlarynyň dabaraly ýorüşi.*

## HORMATLY OKYJYLAR,

*Men «Amerikanyň ýaňy» žurnalynyň üçünji sanyny siziň dykgatyňyza hödürleýärin. Bu žurnal ABŞ-nyň Aşgabatdaky ilçihanasy tarapyndan ýörite Türkmenistanyň halky üçin çykarylýar. Žurnalyň bu sanynda ABŞ-da Garaşsyzlyk gününiň bellenilişi barada makalalar bar. «Amerikanyň Oturymlylaşmagy» atly ýörite makala Amerika dünýäniň dürli künjeklerinden ýaşamak üçin göçüp baran we barmagyny dowam edýän adamlar barada, olaryň köpdürli geçmişi barada söhbet açýar. Şol köpdürlüligiň we biziň ondan alýan güýjümiziň wajyplygy bu ýylyň Garaşsyzlyk gününde, ýagny 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda bolup geçen wakalardan soň ilkinji gezek bellenilýän Garaşsyzlyk gününde has artdy. Amerika – bu milletleriň köpdürlüligine we agzybirlikde ýaşaşmaklyga esaslanan jemgyýetdir. Biz dünýäniň beýleki halklary hem bu düşünjeleri kabul eder diýip umyt edýäris.*

*Žurnalyň bu sanyndaky esasy makalalaryň ýene-de biri – «Goňur rewolýusiýa – şäherleşme» baradaky makala. Bu makala bütin dünýä ýüzündäki şäherleriň eteklerinde garyp we gür ilatly ýaşaýyş raýonlaryň emele gelmegi baradadyr. Onuň ýaly raýonlarda tok we suw üpjünçiligi bolmaýar diýen ýaly. Jaýlaryň töwerekleri mydama hapaçylyk bolany zerarly, ol ýerde her-hili keseller ýeňil ýaýraýar. Emma dünýäniň dürli künjeklerindäki käbir jemgyýetçilik toparlarynyň «Goňur rewolýusiýa – şäherleşme» bilen bagly kynçylyklara çözgüt tapyp başlandyklary şatlandyrýar. Biziň hödürleýän makalamyz aýry şahsyýetleriň öz jemgyýetini gowy taraba özgerdişi barada gürrüň berýär.*

*Amerikan medeni žurnalynyň tomusky sanyny amerikalylaryň boş wagtynda oýnamagy gowy görýän iň söýgüli oýny beýsbol barada bolan makalasyz göz öňüne getirmek kyn. Biziň makalamyz beýsbolyň aýratyn bir görnüşi barada, ýagny her tomus pasly çagalardan düzülen komandalaryň gatnaşmagynda bütin Amerika boýunça geçirilýän Beýsbolyň Kiçi Ligasy barada gürrüň berýär.*

*Kiçi Liga baradaky makaladan başga, ýene-de bir makala sport we beden terbiýe barada söhbet açýar. Illinoýs ştatyndaky orta mekdepleriň biri beden terbiýe bermekligiň täze usulyny işläp düzüp, iş ýüzüne geçiripdir. Amerikan mekdepler aňy hem ösdürmelidigini, bedeni hem berkitmelidigini yzygiderli nygtaýarlar. Illinoýs ştatyndaky gürrüňi edilýän mekdepde ýola goýlan özboluşly beden terbiýe bermek usulyna laýyklykda, ähli çagalaryň, sport başarnyklaryna ýa-da zehinine garamazdan, özlerini sagdyn we işjeň ýagdaýda saklamakda üstünlik gazanmaga mümkinçilikleri bar.*

*Men bu žurnalda gürrüňi edilýän milletleriň köpdürlüligi, agzybirlikde ýaşaşmak, jemgyýet bolup hereket etmek ýaly düşünjeleri siz öz durmuşyňyzda hem ulanyp bilersiňiz diýip umyt edýärin. ABŞ-nyň hökümeti demokratiýany gurmakda uly ähmiýete eýe bolan bu düşünjeleri yzygiderli öňe sürüp, bulara bütin dünýäde howpsuzlygy, durnuklylygy we abadançylygy gazanmagyň serişdesi hökmünde garaýar.*

*Hormatlamak bilen,*
*Lora E. Kennedi*
*Ilçi*

ŞU SANDA

# AMERIKANYŇ ÝAŇY


**BEÝSBOL DÜNÝÄSI 2**

Softbol çagalar ligasynda geçiren dört ýylynyň dowamynda Peýson Benner «öýden» urulýan urgularyň ençemesini amala aşyrypdy. Peýson dünýäniň ähli künjeginde çagalar ligasynda oýnaýan 5 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan 3 million çaganyň biri. 1939-njy ýylda Pensilwaniýa ştatynyň Williamsport şäherinde bary-ýogy üç topar bilen döredilen çagalar beýsbol ligasy ösüp, bu gün Antarktikadan galan bäş materigiň ählisinde, 105 ýurtda oýnalýan halkara sporta öwrüldi.

**4-NJI IÝUL BAÝRAMÇYLYGY, ABŞ-NYŇ GARAŞSYZLYK GÜNI 4**

Dördünji iýul baýramçylygy iň esasy tomus baýramçylygydyr. Çagalaryň mekdepden boş we howanyň iň oňat wagty bolanlygy sebäpli, ol maşgalalaryň ählisiniň diýen ýaly bile üýşýän wagtydyr (Isa pygamberiň doglan güni – «Roždestwo» ýaly). Dördünji iýul 1776-njy ýylda biziň ata-babalarymyzyň Filadelfiýada ýerleşýän Kontinental Kongresde Garaşsyzlyk baradaky Jarnama gol çeken senesidir. Asyrlar boýy amerikalylar bu wakany özleriçe baýram edýardiler. Ýöne, 1941-nji ýylda Kongres dördünji iýuly (Garaşsyzlyk gününi) kanuny baýramçylyk hökmünde gutarnykly kesgitledi.

**AMERIKANYŇ OTURYMLYLAŞMAGY 6**

Ellis adasy 1892–1954-nji ýyllar aralygynda Amerika göç eden 12 million göçmeniň geçen girelgesidir. Bu gün Ellis adasy Amerika göçmenlik barada syýahatdyr suratlary teklip edýän muzeýdir.

**BEDENTERBIÝE SAPAGYNY BERMEGIŇ TÄZE USULY 10**

Bedeni terbiýelemegiň täze usulyna – hiç bir çagany, nalaçlykdan topara alnan bolsun, oýunda sag tarapda goýlan bolsun, ýa tanapyň gap bilinde asyl-asyl bolup galan bolsun, tapawudy ýok, öz mümkinçiliginden çigit ýalyjagam tiz herekete mejbur etmeýän usulyna hoş geldiňiz! Bu usulyň manysy «iň çalasyn, iň güýçli, iň berdaşly» diýen ýalňyş düşünjeden daşlaşyp, hemme çaga bütin ömrüne ýarar ýaly fiziki ýugrum bermekdir (taýdan taplamakdyr).

**GOŇUR REWOLÝUSIÝA – ŞÄHERLEŞME 12**

Tankytçylar obalaryň arassaçylyk ýagdaýynyň şäheriňkiden pesligi, sowatsyzlygyň ýokarylygy we öýsüzleriň köplügi aýdylýanam bolsa, bu maglumatlaryň takyk däldigini (ýalňyşdyryjydygyny) nygtaýarlar. Sowatsyzlygyň, öýsüzligiň ýa kanalizasiýaly hajathana barmak mümkinçiliginiň bolmazlygynyň oba ýerlerinden beter gür ilatly şäherlere mahsus problemadygy hakykatdyr.

**«TÜRKMENISTANDA ÝAŞAÝAN AMERIKALYLAR» 14**

*Türkmenistandaky Parahatçylyk Korpusynyň meýletinçisi jenap Neýt Truit bilen geçiren söhbetdişligimiz:*

«Siziň bilşiňiz ýaly, biz Türkmenistana elimizden gelen kömegi bermäge synanşýarys, ýöne bu babatda her meýletinçiniň Türkmenistana beren zadyndan öwrenýän zadynyň köpdügini arkaýyn aýdyp bileris. Bu ýurtdan hakykatdan hem köp zatlary öwrenip bolýan ekeni. Munuň üçin men minnetdarlygymy aýdasym gelýär.»

**GARAŞSYZLYK JARNAMASY – 4-NJI IÝUL 1776-NJY ÝYL 17**

Adamzat taryhynyň gidişinde bir halk ony beýleki halk bilen baglanyşdyrýan syýasy düwünleri çözmeli we dünýädäki döwletleriň arasynda tebigatyň we Ýaradanyň kanunlary esasynda hukugy bolan garaşsyz ýagdaýa eýe bolmaly bolanda, ynsanyýetiň pikirinde bolan hormat ony bölünip aýrylmaga iterýän sebäpleri beýan etmäge borçly edýär.



Žurnalyň daşynda görkezilen surata awtorlyk hukuklary AP degişlidir.






SURATLY ŽURNAL

N°3, Iýul–Sentýabr 2002

Guramaçy edara:
Jemgyýetçilik bilen gatnaşyklar bölümi
ABŞ-nyň Ilçihanasy
Aşgabat, Türkmenistan



Žurnal barada pikirleriňizi we islegleriňizi aşakda görkezilen adres boýunça iberip bilersiňiz:
744000, Aşgabat şäheri
Puşkin köçesi 9
Telefon: 35-00-45

E-poçta:
Meredovama@iatp.edu.tm
Meredovama@state.gov



Dizaýn:
Sebitleýin Programmalary dolandyrýan edara, Wena.

# BEÝSBOL DÜNÝÄSI

*Karen Fanniň*

## «Kiçi Liganyň» Uly Maksatlary



*2001-nji ýylyň tomusynda Pensilwaniýa ştatynyň Günorta Wiliýamsport şäherinde, Kiçi liganyň oýunlarynyň biri. Surat üçin awtorlyk hukuklary AP degişli.*

Beýsbol Kiçi ligasynda geçiren dört ýylynyň dowamynda Peýson Benner «öýden» urulýan urgularyň ençemesini amala aşyrypdy. Ýöne öten tomus uran bir «öý urgusy» onuň ýadyndan asla çykmaz. «Men ony şeýle bir ajaýyp urdum» diýip, Meýn ştatynyň Damariskota şäherinden 12 ýaşly gapyjy gürrüň berýär. «Begenjimden uçaýjak boldum. Meniň topardaşlarymyň bary gygyryp bökjekleýärdiler».

Peýson dünýäniň ähli künjeginde Kiçi ligasynda oýnaýan 5 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan 3 million çaganyň biri. 1939-njy ýylda Pensilwaniýa ştatynyň Williamsport şäherinde bary-ýogy üç topar bilen döredilen çagalar beýsbol ligasy ösüp, bu gün Antarktikadan galan bäş materigiň ählisinde, 105 ýurtda oýnalýan halkara sporta öwrüldi.

**Ösüş Ýoly**

Ysraýyl, Keniýa, Hytaý ýaly uzak ülkelerde-de çagalar ösüp ýetişýärler, ýöne, «Kiçi Liga» heniz hem amerikan çagalarynyň söýgüsine mynasyp.

«Men beýsboly söýýärin» diýip, Masýu Börç aýdýar. Onuň topary Meýn ştatynyň çempiony. «Men urgy urmany halaýaryn. Goragda oýnamagy-da gowy görýärin. Men onuň hemme zadyny gowy görýärin».

Professionallar-da şeýle. Iň gowy beýsbol oýunçylarynyň köpüsi – Seýnt Lýuis şäheriniň «Kardinal» toparyndan Mark Mak Gwir, Baltimoryň «Oriola» toparyndan Kal Ripkin kiçi, Tehasyň «Reýnjer» toparyndan Iwan Rodriges dagy-da Kiçi ligasyndan başlapdylar. Eýsemde bolsa, Lans Wan Oken Kiçi ligasynyň öz hataryny gelejekki «Meşhur şahsyýetler» bilen doldurmakçy däldigini nygtaýar. «Kiçi ligasynyň maksady uly oýunçylary taýynlamak däl. Onuň maksady çagalara adamlar bilen nähili gatnaşykda bolmalydygyny, topar hökmünde gatnaşyk etmegi öwretmekdir. Ol çagalara utanyňda-da, utulanyňda-da mertebäňi saklamagy öwredýär» diýip, çagalar beýsbol ligasynyň taryhyny gürrüň berýän «Top oýnaň» kitabynyň ýazyjysy Wan Oken aýdýar.

Mathýu onuň bilen ylalaşýar. Onuň toparynyň öten tomus Dünýä Ýaryşlaryna gatnaşmak barada eden teklibi Gündogar Sebit (regional) Ýaryşlaryna syrygandygyna garamazdan, oýunçylaryň başlary dik, ruhlary belent.

«Biz bir oýunda utulan hem bolsak, öňküdenem gowy oýnamak isleýärdik» diýip, 1-nji we 3-nji hatarlarda oýnaýan Masýu aýdýar. «Kä utarsyň, kä utularsyň. Kiçi liga maňa her kesiň-de gowşak oýnunyň bardygyny, muňa-da hormat bilen ýanaşmalydygyny öwretdi.»

Aktýor Kewin Kostner, aýdymçy Brus Springstin we prezident Jorj Buş-da bu pikire şärik. Bularyň üçüsi-de ýaşlygynda Kiçi Ligada oýnapdylar. Tehas ştatynyň Midländ şäherinde Merkezi Ligada gapyjy bolup oýnan prezident Buş ýaňy-ýakynda Ak Tamda kiçi Liganyň T-bol parkyny gurdurdy. Bu gün ýurduň dürli künjeginden bolan çagalar Günorta Meýdançada ýaryşa taýýarlanýarlar.

**Ol gyz bu oýny gazandy**

Bu gün ýüz müňlerçe gyz Kiçi ligasynyň softbol we beýsbol toparlarynda oýnaýan hem bolsalar, gyzlara 1974-nji ýyla çenli «Kiçi Liganyň» toparlarynda oýnamaga rugsat edilenokdy. Emma bu ýagdaý Kätrin Jonsony 1950-nji ýylda ýaryşa gatnaşmakdan alyp galyp bilmedi. Beýsbol Kiçi ligasynda oýnan ilkinji gyz bolan Jonson zülplerini kesdi, galanja saçlaryny papagynyň aşagynda gizläp, Nýu Ýork ştatynyň Korning şäheriniň «Kiňz Deýeri» toparynyň düzüminde oýnady. Katriniň türgenleşdirijisi onuň gyzdygyny diňe iki hepdeden soň bilip galdy. Bagtyna, Peýson oýnamagyny dowam etdirmek üçin ýene «nikap örtmeli» bolmady. Bu gün ol beýsbol meýdançasynda alan sapaklary üçin minnetdar.

«Kiçi Liga maňa topar bilen işlemegi, çydamlylygy we elde baryňy etmegi öwretdi. Hökman utmak däl. Lezzet üçinem oýnamak bolar.» – diýip, Peýson aýdýar.

**Inçe Oýun**

*Groliýeriň «Täze Bilim Kitabyndan», 2002-nji ýylyň neşiri. Awtorlyk hukugy Grolier Ink. Degişli. Rugsat alynyp, çap edilýär.*

Beýsbola köplenç «inçe oýun» diýilýär. Mysal üçin, ýerden tigirlenip barýan top meydançanyň çyzygynyň bir-iki barmak aňry ýanyndan geçip, topuň meýdançanyň içindedigini-daşyndadygyny kesgitlemäge kynçylyk döredýär. Kähalatda, hatda, bir barmak aralyk-da çemiňe berlen topuň urgydygyny ýa goýberilen topdugyny, topuň tora düzgün boýunça girizilenini-girizilmänini, esasy oýunçynyň meýdançanyň içindedigini-däldigini kesgitleýär. Hatda, bir gezek çalaja degeniň-de tutuş oýnuň ykbalyny çözüp bilýär. Bu zatlar barada karara gelmek, oýnuň düzgünleriniň ýerine ýetirilmegini gazanmak meýdançanyň töwereginde duran emin agzalarynyň paýyna düşýär. Ýokary liganyň oýunlary geçirilende, adatça, dört emin bolýar: biri – meýdançanyň içinde, galanlary – birinji, ikinji we üçünji hatarlarda. Urgyny hasap etmelidigini-däldigini, meýdançada öz ýerlerine ýetjek bolup ylgap barýan oýunçylaryň oýnuň düzgünini bozup-bozmandyklaryny meýdançadaky emin kesgitleýär. Beýleki eminler özlerine tabşyrylan ýerde ýa şonuň golaýynda oýna gözegçilik edýärler.

Beýsboluň käbir düzgünleriniň çylşyrymly bolup görünmegi mümkin bolansoň, ökde oýunçy ony jikme-jik bilmelidir, köp strategiýa düşünmelidir we her bir ýagdaýa derrew jogap bermäge häzir bolmalydyr. Oýunlar goragçylary, hüjümçileri, gyradaky hüjümçileri, mümkinçilikleriň dürlüligi bilen biri-birinden tapawutlanýarlar. Gowy oýnamak üçin tizlik, güýç, göni zyňyp bilmek, her sekundyňy peýdalanmagy başarmak we oýna bolan ýörite duýgy gerek.

Makala üçin awtorlyk hukuklary Sholastik Ink. degişli, 2002 ý.

# 4-NJI IÝUL BAÝRAMÇYLYGY, ABŞ-NYŇ GARAŞSYZLYK GÜNI

**Dördünji iýul baýramçylygy iň esasy tomus baýramçylygydyr. Çagalaryň mekdepden boş we howanyň iň oňat wagty bolanlygy sebäpli, ol maşgalalaryň ählisiniň diýen ýaly bile üýşýän wagtydyr (Isa pygamberiň doglan güni – «Roždestwo» ýaly). Dördünji iýul 1776-njy ýylda biziň ata-babalarymyzyň Filadelfiýada ýerleşýän Kontinental Kongresde Garaşsyzlyk baradaky Jarnama gol çeken senesidir.**

Asyrlar boýy amerikalylar bu wakany özleriçe baýram edýärdiler. Ýöne, 1941-nji ýylda Kongres dördünji iýuly (Garaşsyzlyk gününi) kanuny baýramçylyk hökmünde gutarnykly kesgitledi. Hazirki wagtda köp adamlar bu resminamany Kongres hakykatdan hem 2-nji iýulda kabul etdi, 2-nji awgustda bolsa oňa gol çekildi diýip aýdýarlar. Näme üçin onda ol 4-nji iýul bolýar? Ol gün 2-nji awgustda gol çekmek üçin, Jarnamanyň gutarnykly taslamasy tamam edildi. Düşnüksiz? Olar 2-nji iýulda taslamanyň garalamasy bilen bile bu pikiri doly kabul etdiler. Ýöne, hakykatdan hem 4-nji iýulda köp ara alyp maslahatlaşmalardan soň, taslanan resminamany ellerine aldylar we tassykladylar. Oňa her kim gol çekýänçä wagt gerek boldy (şol wagt faksyň ýokdugyny ýatdan çykarmaň!), şeýlelik bilen ol 2-nji awgustda amala aşdy.

Aýalyna ýazan hatynda bu wakanyň dabaraly harby ýörüşler-paradlar, sahnalaşdyrylan, sport we beýleki oýunlar bilen bezelip, dabaraly ýagdaýda geçirilmelidigini aýdan Jon Adamsdyr. Ol öz döwrüniň öňden görüjisi boldumyka? Onuň Dördünji iýul baýramçylygyny suratlandyryşy biziň ony şu günki görüşimiz ýalydyr. Dördünji iýula bagyşlanan ilkinji resmi oturluşyk agşamy 1777-nji ýylda (bir ýyl geçenden soň) Filadelfiýada geçirildi. Doklarda duran harby gämiler 13 ştatyň hormatyna 13 gezek salýut atdy. Şol ýerdäki esgerler köçelerde dabaraly harby ýörüşler-paradlar bilen geçdiler. 1788-nji ýylda 4-nji iýul baýramçylygynda 13 ştatyň 10-sy tarapyndan ýakynda tassyklanan ABŞ-nyň Baş kanuny hem baýram edip bellenildi. Şol ýyl ata tirkelen tigirçekli platformalar bilen geçirilen 4-nji iýul baýramçylygynyň ilkinji dabaraly harby ýörüşleri-paradlary boldy. Olaryň biriniň üstünde ABŞ-nyň Ýokary sudunyň adalatlylygynyň nyşany bolan ägirt uly bürgüt bardy. 1790-njy ýylda ýurduň paýtagty Filadelfiýadan Waşingtona (Kolumbiýa okrugy) göçürildi. Prezident Tomas Jefferson myhmanlaryň öňünde Ak Tamy açmak bilen 4-nji iýul baýramyçylygyny geçirdi. Britaniýalylaryň 1814-nji ýylda Ak Tamy ýakan wagtyna çenli, bu däp beýleki prezidentler tarapyndan hem dowam edildi. 4-nji iýul baýramyçylygynyň ýatdan çykmajaklarynyň ýene biri, 1865-nji ýylda Gettisberg şäheriniň söweş meýdanynda geçirilendir; 1866-njy ýylda Raýatlyk urşunyň ahyrlarynda bolsa, garaýagyz gullar dabaraly ýörüş bilen Wirjiniýa ştatynyň Riçmond şäheriniň köçelerinden geçdiler; 1976-njy ýylyň 4-nji iýulynda Nýu-Ýork Sitide Garaşsyzlygyň 200 ýyllygy baýram edildi.

Ýöne, Garaşsyzlygyň 200 ýyllygy we Azatlyk Heýkeliniň gaýtadan bejerilmegi sebäpli, watan söýjülik duýgusy ýuwaş-ýuwaşdan amerikan halkynyň ýüregine gaýtadan ornap başlady. Emma, 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Birleşen Ştatlaryna edilen garakçylykly hüjüm «Sem daýynyň» tüpeňiniň sesine meňzedi. Birden biziň hemmämiz bir halka öwrüldik. Biz hemmämiziň «amerikalydygymyza buýsandyk» we biziň ony görkezmegimize hiç zat päsgel berip bilmedi. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabryndan soň, az wagtyň içinde dükanlardaky baýdaklar satylyp gutardy. Watançylyk duýgyny görkezýän eşikler, ownuk-uşak bezegler, gymmat bahaly şaý-sepler ýasalyp ýetişmedi.

Käbir adamlar üçin Dördünji iýul garagolluk edilýän gündir. Meýn ştatynda 3-nji iýulda daşarda durýan zatlary ogurlamak ýa-da eýwanyň basgançagyny aýryp goýmak ýaly garagolluklar adatydyr. Ýöne, köp adamlar 4-nji iýuly maşgalalarda, buthana ýygnanşygyna we jemgyýetçilik ýörüşlerine gatnaşyp belleýärler. Agşamlaryna feýerwerklere tomaşa edýärler.

Garaşsyzlyk baradaky Jarnamany ýazan Tomas Jefferson 1826-njy ýylyň 4-nji iýulynda Wirjiniýada günortanlar öz öýünde aradan çykdy. Onuň aradan çykan güni resminamanyň gol çekilmeginiň 50 ýyllygydy. Kysmatyň gerdişi bilen Garaşsyzlyk baradaky Jarnamany goldan we prezident Jon Kwinsi Adamsyň kakasy Massaçusetsli Jon Adams hem şol gün birnäçe sagat gijiräk, 1826-njy ýylyň 4-nji iýulynda aradan çykdy.

**FEÝERWERKLER**

Her ýyl Dördünji iýul baýram edilende Waşingtonda (Kolumbiýa okrugy) gurnalýan baýramçylyk şowhunlaryna we feýerwerkleriň atylmagyna «Dördünji Kapitol» diýip at berilýär.

**PARADLAR**

Dördünji iýul parady ilkinji gezek haçan boldy? Hakykat ýüzünde asla köçede geçirilen parad bolmandy. Hakykatda bolsa, ol Waşingtondaky (Kolubiýa okrugy) Potomak derýasynda geçen gaýyklaryň paradydyr. Prezident Jon Kwinsi Adamsyň (1825–1829), amerikaly we daşary ýurtly myhmanlaryň bir toparynyň münen bug bilen işleýän gämisi baržalary we beýleki gamileri derýanyň ýokarsyna, häzirki wagtda Taýdl (Daşgyn)

basseýni diýilýän tarapa äkitdi. Soňra olar kiçiräk gämä geçip, täze Çesapik we Ohaýo kanallary üçin saýlanan ýere tarap Waşington kanaly bilen ýüzüp gitdiler (Ol häzir Merilendde bir seýilgähi we gezelenç etmek üçin örän gowy ýer). Prezident Adams ilkinji bolup, Kapitolyň jaýynyň we Waşingtonyň ýadygärliginiň arasyny kanalyň suw ýoly bilen Waşingtonyň (Kolubiýa okrugy) ortarasyny kesip geçdi.

Bu gün şäherleriň ählisi diýen ýaly Dördünji iýulda öz esasy köçelerinde parad geçirýärler. Ýöriş edýän orkestr köplenç Jon Fillips Suosanyň watançylyk sazyny ýerine ýetirýärler, oglanlar we gyzlar köçeden ýöräp geçýärler, adatça klublaryň we guramalaryň saly bardyr. Şol salyň üstünde bolsa, köplenç haýsydyr bir ýerde gözellik bäsleşiginde birinjiligi alan zenan durýar. Meniň dogduk şäherimde ýangyn söndüriji maşyn çagalara süýji seçip we adamlaryň üstüne çala suw sepip geçýär.

**DÖRDÜNJI IÝUL ÜÝŞMELEŇLERI**

Dördünji iýul üýşmeleňi bolan ýerde hemişe iýmit hem bardyr. Garaşsyzlyk Jarnamasynyň kabul edilmeginiň bir ýyllygyny baýram etmek üçin 1777-nji ýylda Filadelfiýada örän uly banket gurnaldy. Beýleki şäherler onuň yzyny eýerdiler. Onuň meşhurlygynyň artmagy bilen üýşmeleňler öýlerde däl-de, açyk howada geçirilip başlandy. 1900-nji ýylyň ortalaryna, döwrümde, adatça adamlaryň işleýän kompaniýalary tarapyndan tölenýän we köplenç «Kompaniýa üýşmeleňi» diýip at alan her ýylky Dördünji iýul üýşmeleňi milli däbe öwrülipdi. (Häzirki wagtda käbir kompaniýalaryň Dördünji iýuldan başga öz üýşmeleň edýän günleri bar, sebäbi köp işgärler şol döwurde köplenç zähmet rugsatlaryny alýarlar).

**DÖRDÜNJI IÝUL ÜÝŞMELEŇLERINDE NÄMELER BOLUP GEÇÝÄR?**

Siz ony öz howlyňyzda, dostuňyzyň gämisinde ýa-da onuň howlysynda, kenarda, ýurduň seýilgählerinde, adamlaryň üýşýän ýerlerinde ýa-da ýörüte üýşmeleň geçirilýän ýerlerde geçirip bilersiňiz. Umumy tejribeden görnüşi ýaly, şol baýramda esasy iýilýän zatlar çişlik ýa grilde bişirilýän iýmitler bolan hot-doglar, gamburgerler, towuk, käbir ýerlerde bolsa balyk, leňňeç ýa deňiz mollýuskalarydyr. Üýşmeleňde bolup geçýän ähli zat üýşmeleňi gurnaýana baglydyr. Bu ýönekeý üýşüp gürleşmek we surat alyşmak bolup biler. Käbir beýleki üýşmeleňler bolsa, her hili basleşikleri we oýunlary öz içine alýar, meselem göreş, kartoşkany, tüwüni halta salmakda ýaryşmak, garpyz iýmekde ýaryşmak, pirog iýmekde ýaryşmak, ýag çalynan doňuzy kowalap tutmak, kart oýunlary ýa-da ýerleşen ýerine we howa baglylykda kellä gelen oýunlar.



*1996-njy ýylyň Nýu-Ýork şäherinde Ist derýasynyň kenarynda 4 iýul dabaraly atylýan feýerwerkler.*

*Şeýla Kiççiniň rugsaty bilen www.brownielocks.com websaýtdan çap edilýär.*



*Köne Günbatarda iň meşhur adamlaryň biri polkownik Wilýam F. Kodi we indeýler. Suratyň alynan wagty belli däl. Surat üçin hukuklar AP degişli.*

# AMERIKANYŇ OTURYMLYLAŞMAGY

Ellis adasy 1892–1954-nji ýyllar aralygynda Amerika göç eden 12 million göçmeniň geçen girelgesidir. Bu gün Ellis adasy Amerika göçmenlik barada syýahatdyr suratlary teklip edýän muzeýdir. «Amerikanyň Ýaňy» žurnalymyz Ellis adasynyň websaýtyndan www.ellisisland.org Amerika immigrasiýanyň taryhy barada aşakdakylary siziň dykgatyňyza hödürleýär.

**1790-njy ýyla çenli**

Alymlaryň aglabasy Amerika adamlaryň ilkinji gezek 20.000 ýyl mundan öň Bering bogazynyň üsti bilen gelendigini çaklaýarlar. Bular müňlerçe ýylyň dowamynda bu topraga ýaýran ençeme ýerli amerika medeniýetiniň ata-babasydyr. 1000-nji ýylyň töwereklerinde bu ýere wiking taýpasyndan az sanly adam gelipdir. Şondan 500 ýyl soň beýik Ýewropa immigrasiýasy başlandy. XVI asyryň ahyrlarynda ispaniýalylar Keramatly Awgustinada ornaşdylar, XVII asyryň başlarynda bolsa, pajarlap ösýän milletler bu ýeri petir bežan ýaly etdiler: Iňlisler – Täze Angliýa we Wirjiniýada. Daniýalylar – Nýu Ýorkda we Nýu Jerside, Şwedler bolsa – Delawerde. Eýsemde bolsa, bu milletleriň içinde ýewropalylar ýeke-täk göçmenler däldi. Afrikadan we Karib deňziniň kenarlaryndan bolan gullar, baryp-ha 1619-njy ýylda zor bilen bu Täze Dünýä getirilipdi. XVIII asyryň ortalaryna çenli iňlis koloniýalary Demirgazyk Amerikada iň bir pajarlap ösýän ýerler boldy. Emma tejribeli, ökde işgärleriň köne dünýäden täze dünýä köpçülikleýin akymy Britan parlamentini alada goýdy. Käbirleri koloniýalara göçmäge umumy gadaganlyk girizmegi talap edýärdiler.

Emma taryh çarhy düýpden başga ugra hereket edýärdi (barýardy)...

**1790–1820**

Garaşsyzlyk uruşy üstünlikli tamamlanandan 6 ýyl soň, Amerika Tomas Paýniň sözleri bilen aýdanymyzda «Ýewropanyň dürli künjeginden gelen yzarlanan raýatlyk we dini azatlyk söýüjileriň gaçybatalgasyna» öwrülýär. Ilkinji ilat ýazuwy sanawa giren 3,9 million adamyň agramly böleginiň iňlislerdigini kesgitledi. Ilatyň ýüzden ýigrimisine golaýy Afrikalydy. Nemes, şotlandiýaly we irlandiýalylar-da ep-esli orun tutýardylar. Ilat ýazuwyny geçirenler ýerli amerikalylary hasaba almandylar. Respublikanyň ilkinji ýyllarynda göçmenleriň sany beýle köp däldi – ýylda orta hasap bilen 6000 adam. 1806-njý ýylda Angliýa bilen Napoleon Fransiýasynyň arasyndaky duşmançylykly hereketler Atlantik ummandan geçýän gämi ýollaryny baglansoň, göçmenlik, diýseň azaldy. Birleşen Ştatlar bilen Angliýanyň arasyndaky 1812-nji ýylyň urşy bolsa, göçmenligi uzak wagtlap has hem haýallatdy. 1814-nji ýylda parahatçylygyň täzeden berkarar bolmagy bilen Beýik Britaniýadan, Irlandiýadan we Günbatar Ýewropadan göçmenlik ýene-de ädimini gataldyp başlady. Bu ýeriň gämi duralgaly esasy şäherleri – Nýu Ýork, Boston, Filadelfiýa we Çarlston göçüp gelenlerden ýaňa hyryn-dykyn boldy.

**1820–1880**

Senagat rewolýusiýasy başlanypdy, gul söwdasynyň soňuna çykylyp barylýardy. Amerika bolsa, Günbatara tarap süýşýärdi. Müňlerçe göçmen (ýüzüniň ugruna şäherleri döredip barýan yklymaşyry (transkontinental) demirýol gurluşygynda iş tapypdy. Aziýadyr Afrikadan göçmenleri çekip getiren «Kaliforniýa, gyzyl titretmesi» diýen sözler bütin dünýä ýaýyldy. Täze göçmenleriň köpüsi hyýala bent bolup gelen hem bolsalar, 1840–1850-nji ýyllar aralygynda gelen irlandiýalylaryň tas hemmesi diýen ýaly, ýurtdaky allajy açlykdan gaçyp gelipdi. Elhenç açlyk 1,5 million adamyň ömür tanapyny kesipdi, hut şonça adam-da Amerika gaçypdy. Täze gelenler diňe irlandiýalylar däldi. Ilat sanynyň çalt köpelmegi, ýer paýlanyşygyndaky üýtgeşmeler we senagatlaşma Ýewropada ençeme daýhandyr senetkäri eklençsiz goýupdy. Liwerpuldyr Gamburgdan gaýdan bu adamlar esasy Gündogar gämi duralgalary we Täze Orleanyň üsti bilen ýurda giripdiler. Hytaýlylar 1850-nji ýyllarda San Fransiskonyň üsti bilen gelmäge başladylar.

**1880–1930**

1880-nji ýyllarda bug gazanynyň oýlanyp tapylmagy Amerikanyň ýoluny mese-mälim gysgaltdy. Göçmenler dünýäniň dürli künjeginden – Orta Gündogardan, Ortaýer deňzi kenarlaryndan, Günorta we Gündogar Ýewropadan, şeýle hem, Kanadadan dökülip başlady. 1892-nji ýyldan soň gelen göçmenleriň ählisi diýen ýaly täze açylan Ellis adasynyň üsti bilen gelendirler. Köplenç iş gözläp, ilki ýaş ýigitler gelýän hem bolsa, bu döwürde köp halatda tutuş maşgalalar-da göçüp gelmäge başladylar. Olaryň käbirleri gazanan pullaryny aýallaryna, çagalaryna we doganlaryna iberseler, käbirleri pul toplap, öýlerine gaýdyp bardylar. Rewolýusiýanyň pidasy bolan meksikalylara, Gündogar Ýewropa we Russiýadaky pogromlardan gaçan ýewreýlere, Türkiýedäki tohum gyrgynçylygyndan gutulan ermenilere-de Amerika gaçybatalga boldy. Eýsemde bolsa, bu döwürde aziýaly göçmenlere çemeleşiliş düýpden başga hilidi. 1882-nji ýylda Kongress Hytaýdan göçmenligi düýpli kemelden Hytaý Aktyny kabul etdi. Öňki kanunlar ir döwürde gelip, şol ýerde ýaşap ýören hytaýlylara aýallaryny we maşgala agzalaryny getirmäge päsgelçilik döredenligi sebäpli, hytaýlylaryň köp toplumy «sallahlar jemgyýeti» bolmagyna galypdy.

1880–1930-njy ýyllar aralygynda Birleşen Ştatlara 27 million adam göçüp bardy. I Jahan Urşunyň arakesmesinden soň, amerikalylaryň göçmenlige bolan garaýşy üýtgäp başlady. Bu döwürde milletçilik duýgusy we daşary ýurtlulara şübhe güýçlüdi. Şonuň üçin-de, köplenç göçmenleriň wepalylygy şübhe astyna alynýardy. 1920-nji ýyllaryň başlarynda göçmen akymyny çäklendirmäge gönükdirilen birgiden kanun kabul edildi.

**1930–1965**

Uly Depressiýa başlandy. Ondan az sanly adam aman galdy. Bu ýagdaý adamlary Birleşen Ştatlara göç etmäge iterdi. Soňky gelen göçmenleriň köpüsi öz ýurtlaryna gaýtdylar. 1930-njy ýyllaryň ahyrlarynda Ýewropada II Jahan Urşuna taýynlygyň artmagy bilen göçmenleriň täze görnüşi kwota ulgamyny we Amerikan wyždanyny synagdan geçirdi. Eýsemde bolsa, bu kwota ulgamy saýasynda nasistleriň yzarlamasyndan gaçan az sanly bosguna Birleşen Ştatlara gelmek başartdy, geljekleriň aglabasy bolsa, yzyna gaýtaryldy. Bir gün Birleşen Ştatlar üçler soýuzyna garşy uruş yglan etdi. Ýurtda ýaşap ýören germaniýalylar we italiýalylar göz tussaglygyna alyndy. Ýöne ýaponlara garşy has ýowuz syýasat alnyp baryldy. Köpden bäri Amerikada ýaşap ýören, şeýle hem, Amerikada dünýä inip, bu ýurduň raýaty bolan ýaponlar bendiwan edildi. 1988-nji ýylda ýaponlaryň bendiwan edilenligi sebäpli Amerika Kongressi resmi taýdan ötünç sorady. Bosgunlar krizisi uruşdan soň hem dowam etdi. Bu mesele barada Prezident Truman şeýle diýdi: «Men Kongressiň ünsüni şu dünýä problemasyna – dürli dinleriň wekili bolan, müňlerçe öýsüz-owzarsyz, ejir çekýän adamlaryň öňündäki borjumyzy ýerine ýetirmegiň ýollaryny tapmaga gönükdirmegini isleýärin.» Prezidentiň bu sözlerine Kongress 1948-nji ýylda Birleşen Ştatlara ýüzlerçe müň adama giriş ýoluny teklip eden Öýsüz-öwzarsyzlar Akty bilen jogap berdi. Emma ýene millionlarça adam başga ýerden gaçybatalga gözlemeli boldy. Bu döwürde, ABŞ-nyň taryhynda il-

makalanyň dowamy 10-njy sahypada



*ABŞ-nyň deňiz flotunyň iň gadymy harby deňiz gämisi.*

## 4-nji iýul baýramçylygyň bellenilişi

1 *2001-nji ýylyň 3-nji iýulynda Baltimor şäheriniň içerki portynda 4-nji iýul baýramçylyga taýarlyk görülýän wagtynda Jeý Smit baýdak satýar.*
Awtorlyk hukuklary: AP/Erik Stoklina degişli.

2 *1996-njy ýylda geçirilen ABŞ-nyň Garaşsyzlygynyň 211 ýyllygyna bagyşlanan iň dowamly parad hökmünde belli bolan paradyň gatnaşyjylary.*
Awtorlyk hukuklary: AP/Matt Ýorka degişli.

3 *«Uly çapyşyk» atly bäsleşigiň gatnaşyjysy Weýn Bell bäsleşigiň 6-njy gününde Tehas ştatynyň Granberri şäherine girende tomaşyçylara gollaryny galgaýar. Adatça bu bäsleşik 4-nji iýula çenli dowam edip, edil şol günde tamamlanýar, we onuň ýeňijisine berilýän baýrak 250.000 amerikan dollar.*
Awtorlyk hukuklary: AP degişli.

4 *1998-nji ýylyň 10 iýulynda Nýu-Ýork şäheriniň Merkezi Parkynyň içinde Greýt Lon atly otlyjak meýdanynda oturyp, adamlar 5 sany aýry raýonlaryň birleşip bir şäher – Nýu-Ýork şäheriniň döränliginiň 100 ýyllygyna bagyşlanan konserte garaşýarlar. Konsertde Kurt Mazuryň ýolbaşçylyk edýän Nýu-Ýork şäheriniň filarmoniýasynyň orkestri, Winton Marsalisiň ýolbaşçylyk edýän Linkoln merkeziň jazz orkestri, we Skiç Hendersonyň ýolbaşçylyk edýän Nýu-Ýork şäheriniň pop-orkestri çykyş etdiler. Konsert Gruççi feýerwerkler bilen tamamlandy.*
Surat üçin awtorlyk hukuklary AP/Demitrius Balewskä degişli.

5 *2001-nji ýylyň 4-nji iýulynda Aýowa ştatynyň Windzor Haýts şäherinde geçirilýän paradda.*
Awtorlyk hukuklary: AP/Stiw Poupa degişli

1


5


4






2



3



kinji gezek, bu ýurda erkek adamlardan köp aýal geldi. Olar maşgalalaryna täzeden gowuşýan, esger ärleriniň ýanyna gelen, uruşdan soňky ykdysady galkynyşa öz goşandyny goşýan aýallardy.

1960-njy ýyllaryň başlarynda göçmenlige özgerişlik girizmäge bolan çagyryş sesleri has güýçlenip başlady. 1965-nji ýylda Lindon Jonson Günbatar Ýewropanyň bähbidine bolan kwota ulgamyny ýatyran Hart-Seller Aktyna gol çekdi. Amerika, dogrudan-da, özgeriş ýolundady.

**1965–2000**

1965-nji ýylda kabul edilen Göçmenlik we Raýatlaşdyrma Aktynyň derrew ýüze çykan täsiri, diýseň uly boldy. Bäş ýylyň dowamynda Aziýadan immigrasiýa dört esseden-de köp ösdi. Günorta-Günbatar Aziýadaky uruşdan gaçan bosgunlar tolkuny bu ýagdaýy has-da güýçlendirdi. 1965–2000-nji ýyllar aralygynda Ýewropa göçmenliginiň döwri bolan geçen onýyllyklardan düýpgöter tapawut etmek bilen Birleşen Ştatlara Meksikadyr Filippinlerden ummasyz köp adam göçüp geldi. Şu güne çenli dowam edip gelýän şu döwür içinde Amerikanyň hökümeti «Beýin ogurlygy» diýilýänini edip, lukmanlar, şypagat uýalary, alymlar we ýokary derejeli tehniki bilermenlere ýol açýan syýasaty ulanyp geldi. Bu tejribeli işgärleriň köpüsi göçmenlik zynjyrynyň birinji halkasy bolan aýallardyr. Olar bu ýerde işläp, maşgalalaryny ABŞ-na getirmäge ýeter ýaly pul ýygnaýarlar. 1990-njy ýyllarda göçmenligiň derejesi bu günki nesilleri: «Gapylaryny bütin dünýä açyk goýmak Amerikanyň borjumy? Göçüp gelenler ene dillerini we medeniýetlerini ýitirmän saklap, ýene-de «amerikaly» atlandyrylyp bilerlermi? Amerikadaky uzaga çeken (dowamly) ykdysady ösüş liberal göçmenlik syýasatyna baglymy?» diýen kyn soraglar bilen ýüzbe-ýüz goýup, has ýokary göterildi. Özleri bilen biziň «Amerikaly bolmak» diýen düşünjämizi giňeldýän hem baýlaşdyrýan taryhlaryny, däplerini we pikirlerini getirýän täze göçmenler her gün biziň topragymyza gelip düşüp duransoň, elbetde, çekişmeler dowam eder.

*Awtorlyk hukuklary Ellis Adasy Azatlyk Heýkeli fondy Ink. degişli.*

# BEDENTERBIÝE SAPAGYNY BERMEGIŇ TÄZE USULY

*Sýüzan Braýen*

52 ýaşly bedenterbiýe mugallymy Fil Louler meýdançanyň daşyndan hopul-sopul bolup barýan äýnekli ýetginjegi synlaýar. Klasdaşlaryna garanyňda lopbuş we tagaşyksyz ýigdekçe 13 minutlyk ylgawyny öz maýdalyna ýöräp tamamlar. Muňa ýakyndan syn eden adam ýüwrük klasdaşlarynyň bu oglany «tozana garyp» gidendiklerini öz ýanyndan bellärdi, ýöne Loler üçin kimiň birinji, kimiň-de iň soňkulygynyň ähmiýeti ýok. Möhüm zat – bu çagalaryň ählisiniň hereketde bolmagy.

Keýik bilen pyşdyl deň ýöremez. Körehasa bu hakykat tejribeli bedenterbiýe mugallymy üçin hem özboluşly açyş bolupdy. On ýyl mundan öň bolan bolsady, Loler jan edip ylgamagyň deregine mytdyldap barýan oglana gatyrganardy. Eýsemde bolsa, diňe sekund ölçeýjidir jürlewük bilen ol bu oglanyň ahyrky haýal ädimleriniň, hakykatdan-da, onuň bar güýjüni jemläp edýän hereketleridigini bilmese-de bilmezdi. «Men ol oglany öz gününe goýmazdym... Şol gün oňa ikilik goýardym ýa-da sapakdan soň alyp galardym» diýip, Loler ökünýän ýaly gürleýär. Has beterem, zordan gymyldaýan oglan ylgaw ýodajygynda galardy. Netijede, ol bireýýäm pellehana ýetip, işsizlikden oňa-muňa urunýan klasdaşlarynyň masgaralaýjy gülküsi astynda galan ömründe bedenterbiýani, sporty, aslynda islendik fiziki işi ýigrenip geçerdi.

Bedeni terbiýelemegiň täze usulyna – hiç bir çagany, nalaçlykdan topara alnan bolsun, oýunda sag tarapda goýlan bolsun, ýa tanapyň gap bilinde asyl-asyl bolup galan bolsun, tapawudy ýok, öz mümkinçiliginden çigit ýalyjagam tiz herekete mejbur etmeýän usulyna hoş geldiňiz! Bu usulyň manysy «iň çalasyn, iň güýçli, iň berdaşly» diýen ýalňyş düşünjeden daşlaşyp, hemme çaga bütin ömrüne ýarar ýaly fiziki ýugrum bermekdir (taýdan taplamakdyr). Bu ýerde hiç hili kemsitme ýokdur. Loleriň Illinois ştatynyň Naperwil şäheriniň mekdebindäki iş tejribesi çagalaryň fiziki işjeňliginiň ösüşiniň nusgasy hökmünde hökümet tarapyndan çap edilen «Işjeň Ýaşlyk» kitabynda beýan edilipdir. Naperwil şäheriniň mekdeplerinde türgenleşik welosipedleri we dyrmaşylýan diwarlar, tigirçekli aýakgaplar we her çaganyň ýürek urşuny gör-

kezýän monitorlar bilen enjamlaşdyrylan saglyk merkezleri bar. Bu merkezleriň, ähtimal, iň ähmiýetli tarapy çagalarda semizlik keseli bilen bedenterbiýe sapagynyň arabaglanyşygyna aňry ýany bilen belet tejribeli mugallymlaryň işlemegidir.

«On iki ýyl mundan öň mugallymlaryň biri çagalaryň saglyk ýagdaýynyň pese düşüşine degişli bir makala getirdi» diýip, Loler ýatlaýar. «Şonda biz: «Bu çagalar hepdede bäş gün biziň elimizde, diýmek, bu ugurda biz hem bir zatlar edip bileris» diýişdik.

Şol wagt diňe basketbol we oýun meýdançasy bolan Loleriň işleýän mekdebinde-de çagalaryň fiziki ýaramlylygyny barlamak üçin ýylda iki gezek 1 mil aralyga ýaryş geçirlýärdi. Çagalar bu ýaryşdan öler ýäly gorkýardylar. Mugallymlar maslahatlaşyp, her ýarym ýyldan geçirilýän bu ýaryşlary ýatyrdylar. Onuň deregine olar her bir okuwçynyň her hepdede ylgamak bilen meşgullanmagyny talap etdiler. «Şonda lukman otagynyň gapysyndaky elleri ýarawsyzlygy baradaky delilnamaly çagalaryň nobatyny bir görsediňiz, ynanar ýaly däl» diýip, Loler sözüni dowam edýär. «Ýöne ýuwaş-ýuwaşdan çagalar bu gorkyny ýeňip, bu türgenleşiklere gyzygyp gitdiler. Şeýle-de bolsa, mundan dört ýyl öň Loler çagalaryň käbirlerini gaty gyssaýandygyna göz ýetirdi. Onuň pikirini üýtgeden zat çagalaryň ýürek urşuny görkezýän monitorlar boldy. Görlüp oturylsa, çagalar, hatda, göz-görtele ýaltalar hem aňrybaş mümkinçiliklerinde (elde baryny edip) işleýän ekenler, ýöne mugallym olary diňe synlamak bilen muny kesgitläp bilmändir. Şonuň üçin-de, ol çagalary has köpräk işletmäge çalşar eken. Eýsem-de bolsa, monitorlar çagalaryň «gaçgaklyk etmän», yhlas bilen işleýändiklerini jedelsiz görkezensoň, ol bir millik ylgawdan 13 minutlyk ylgawa geçmek bilen öz programmasyna birnäçe üýtgetmeler girizipdir. Indi çagalar aralyk bilen tizligiň hiç hili ähmiýetiniň ýokdugyny bilýärler. Olar ýöreseler-de, ylgasalar-da, tigirçekli aýakgapda hereket etseler-de, futbol oýnasalar-da ýa bolmasa, saglyk merkezinde bir zada güýmenseler-de bir zat üýtgewsiz galýar – olar ýürek urgusyny «kadada» saklamaga ýeterlik wagtyň dowamynda hereketde bolýarlar. Ýürek urgusynyň minutda 145–166 aralygynda bolmagy üçin 12 ýaşly çaganyň ýüregini gowuja işletmegi gerek.

Çikagonyň eteginde ýerleşen Naperwiliň programmasyny grant (engam) alan az sanly mekdep etraplary özlerinde durmuşa geçirip bilýärler. Munuň üçin olara jaňdyr jürlewüklerem gerek däl. Patamak ştatynyň 6000 ilatly Tituswil şäherçesinde, bedenterbiýe sapagyna wagt tapmak üçin orta mekdeplerde sapaklara berlen wagt azaldylypdyr. Ýolbaşçylar gündelik 8 sagat sapagyň hersinden iki minut kemipdirler. Olar, şeýle hem, bir kabinetden başga bir kabinete geçmek üçin berlen 5 minudy 4 minut etmek bilen çagalary klasdan klasa çalt geçer ýaly edipdirler. Bu-da özboluşly bedenterbiýe. Tituswil şäheriniň saglyk we bedenterbiýe bölüminiň başlygy Tim Mak Kord Naperwil programmasyny özlerinde durmuşa geçirmek üçin gerek bolan serişde barada diňe arzuw edip bilýär. Eýsemde bolsa, bu şäherçede türgenleşik enjamlaryny we ýürek urgusyny görkezýän monitorlary almak üçin salgytlaryň hasabyna 67.000 $ tapyldy.

Resmi taýdan Greg Karlsonyň mekdeplerdäki bedenterbiýe sapaklaryna hiç hili dahyly ýok. Ol Owensboro (Ký) şäheriniň saglyk-şypagat edarasynyň başlygy. Ýöne mundan ýedi ýyl öň şypahana mekdep ulgamynda saglyga gözegçilik etmek we keseli kesgitlemek ugrunda işleşmäge meýil bildirende, netijeler ony haýran edipdi. «Biz käbir haýran galdyryjy maglumatlary aldyk. Biz işe başlanymyzda, K-4 basgançakly ölçeg boýunça semreme derejesi ýüzden dokuza barabardy. Soň ol ýüzden on dokuza çenli ýokaryk galdy. Käbir ýerlerde ol ýüzden 27-ä baryp ýetýär» diýip, ol aýdýar. Şypahananyň ýolbaşçylary şäherçedäki hökümet mekdeplerinde kiçeňräk saglyk merkezlerini döretmegiň harjynyň ýarysyny öz üstlerine almak kararyna geldiler. Ýerli telekeçiler-de pul kömegini berdiler, netijede, şäherdäki 34 mekdebiň ýedisinde bu gün ýürek urgusyny görkezýän monitorlar bar. Karlson şeýle diýýär: «Biziň jemgyýetiň saglygyny goramak we ösdürmek ugrunda bedenterbiýe arkaly getirjek peýdamyz keselleri we şikesleri bejermek bilen getirýan peýdamyzdan has köp bolup biler.»

Naperwilde ten şikesleriniň-de sany azalypdyr. Mysal üçin, orta mekdebiň şypagat uýasy Annete Maýer ýylda bir-iki gezek tirsek döwügi bilen iş salyşmaly bolýardy. Indi bolsa, iň soňky gezek goly döwleni haçan görenligi-de onuň ýadyna düşenok. Ol: «Munuň sebäbi çagalaryň öňküden güýçli we sagdynlygydyr diýip hasaplaýaryn» diýýär. Eýsemde bolsa, hakyky gymmatlyk çagalara, şol sanda sporta ukyby bolmadyk çagalara-da ýaramlylygyň (çydamlylygyň) gadyr-gymmatynyň görkezilenligi bolsa gerek. Mytdyldap barýan Naperwilli okuwçy ylgawyny beýleki okuwçylaryň gür toplumynda tamamlady. Ol goşaryndaky ýürek urgusyny görkezýän monitoryna seretdi-de ýürek urgusynyň 11 minut üçin «kadadadygyny» Lolere aýtdy. «Gül ýaly» diýip, Loler jogap berýär. «Bu şu gün üçin iň ýokary görkeziji». Oglan begenjinden uçaýjak bolup, ýoldaşy bilen «bäşi kakyşdy-da», ýene yzyna toparyň içine siňip gitdi. Arada bir nahar iýýändiklerini diýäýmeseň, çagalaryň köpüsi ýedi sagady klasda oturyp geçirýär. Soňam bir-iki sagat «kompýuter» oýunlaryny oýnamak üçin öýlerine gidýärler. Bu birsydyrgynlyk amerikaly ýetginjekleriň arasynda semreme keseliniň köpçülikleýin ýaýramagyna goltgy bolýar. Ene-atalar bu aladalaryny mekdep ýolbaşçylaryna we kanun çykaryjylara ýetirip bilerler.

*Los Anjeles Taýms Sindikatyň rugsaty bilen çap edilýär.*

# GOŇUR REWOLÝUSIÝA – ŞÄHERLEŞME

Soňky iki onýyllykda
10–15 sany täze «äpet» şäher döremek
bilen dünýä şäherleşme
girdabyna düşdi.

Hurumanyň esasy köçesi arynyň öýjügini ýadyňa salýar. Söwdagärleriň öňünde diri jüýjeden başlap, gözgyny külbeleriniň öňünden ýygan derman otlara çenli hemme zat bar. Daş dökülmedik, çalpawly köçe hapa tümmeklerinden doly. Huruma Naýrobiniň eteginde plansyz, özbaşyna gurlan bir oturymly ýer. Şu bazar köçesiniň arkasynda 6500 ilaty özünde jemleýän bäş sany harabalyk bar. Bu ýerde ilatyň gürlügi her gektarda 2300 adama çenlidir. Ol ýerde diňe ýekeje hajathana toplumy bolup, az sanly-da suw krany bar. Adamlaryň geçip, çagalaryň oýnaýan ýeri bolan külbeleriň arasyndaky darajyk gädiklerdäki ýaplar hapa suw ýoly (kanalizasiýa) bolup hyzmat edýär.

Naýrobiniň 2,5 million ilatynyň, takmynan ýüzden altmyşa golaýy şunuň ýaly ýa-da ondan hem beter şertlerde ýaşaýar. Afrikanyň iň uly harabaçylygy Naýrobide, Iogannesburgyň eteklerinde ýerleşýär. Kibera atlandyrylýan bu ýer bir million ilatyň dörtden üçüsini özünde ýerleşdirýär (jemleýär).

Naýrobiniň ilaty ýylda ýüzden bäşe çenli artýar, şonuň üçinde köpler «şäher harabaçylygy weýrançylyga golaý» diýen pikirde. Şäher häkimiýetleriniň zibil arassalamak işi 1978-nji ýylda ýüzden togsan bolanlygyndan 1998-nji ýylda ýüzden otuz üçe çenli pese gaçypdyr. Ýagyş ýaganda, joşup akýan suwlar üýşürilip goýlan hapalary garamaýak halkyň suw içýän howuzlaryna eltip dökýär. Eýsem-de bolsa, Naýrobi halkara standartlara laýyk gelmeýän ýeke-täk şäher däl. Şular ýaly şertler dünýäde her gün 6 müňe golaý adamyň suw hapaçylygyndan döreýän kesellerden ölmeginiň esasy sebäbidir.

Bularyň baryna garamazdan, adamlar topar-topar bolup, şäherlere göçýärler. 1950-nji ýylda dünýä ilatynyň üçden ikisi oba ýerlerinde ýaşaýardy. Şol wagt Nýu Ýork ilaty 20 milliondan geçýän ýeke-täk oturymly ýerdi. Bu gün şular ýaly äpet şäherleriň 20-si bolup, ondan-da köpüsi döräp barýar.

Bu äpet şäherleriň aglabasy göç-hä göçlügiň hem tizliginiň, hem derejesiniň hötdesinden geljek bolup, çyr-çytyr dyrjaşýan ösüp barýan ýurtlardyr. Şäherleşmegiň gelejegine degişli çaklamalar Ýewropada we Demirgazyk hem Günorta Amerikada şäher ilatynyň sanynyň umumy ştat ilat sanynyň 75–85% ýetende, oturymlylygyň durnuklylaşandygyndan çykarylan netijä esaslanýar. Eger-de dünýäniň galan bölegi-de şu ýol bilen gitse, geljek onýyllykda Afrikanyň şäherli ilatyna ýene 100 million adam, Aziýanyňka bolsa, 340 million, ýagny her iki aýdan bir Bangkok şäheriniň ilatyça adam goşular. 2030-njy ýyla çenli, dünýä ilatynyň takmynan üçden ikisi şäherlerde ýaşarlar.

Ahyr soňunda bir hoş habar (öňüm gelenden soňum gelsin). Häzir senagatlaşýan ýurtlar senagatlaşan ýurtlaryň nusgasyna eýerseler, olaryň şäher ilaty hem sagdyn bolarlar, hem-de has abadan durmuşda ýaşarlar.

Şeýle hem, geçiş döwrüniň kynçylykly bolýandygyny taryh görkezýär. Öz wagtynda Mançesteriň harabaçylyklary edil şu günki Naýrobiniňki ýaly elhençdi. Şeýle-de bolsa, adamlar şol bir sebäpden ol ýere göçüp barýardylar, çünki bu ýeriň şertleri her näçe agyr ýaly bolsa-da, şäher durmuşynyň mümkinçilikleri obanyňkydan üstün çykýardy. Mesele durmuşyňdaky bu özgerişlikden nä derejede peýdalanyp boljaklygyndady.

Oba ýerlerine ýa-da «ýaşyl ýerlere» garanyňda şäherleriň («goňurlaryň») meselesiniň ululygy oňa halkara guramalaryňda has ýokary derejede garalmagyna getirdi (sebäp boldy). UN-HABITAT, ýagny B.M.G.-yň şular ýaly meseleler bilen meşgullanýan bölümi öňki «merkez» diýen pes derejesinden «programma» diýen has belent derejä galdy. (Bu B.M.G.-yň taryhynda şular ýaly ilkinji ýagdaýdyr). Mundan birnäçe gün öň ol Naýrobide dünýäde ilkinji gezek hökümetlerden saýlanyp alnan bilermenleriň, hususy sektoryň we meýletin guramalaryň resmi bolmadyk pikir alyşmasy bolan şäherleşme meselesi boýunça Bütindünýä forumy geçirmek bilen «wezipesiniň ulalmagyny» belledi.

**Şäherler Dünýäni Doldyrýarlar**

Hemmeleriň ylalaşjak bir hakykaty bar bolsa, bu şäherleşmegiň gutulgysyzlygydyr (saklap bolmajagydyr). Garyplykdan gaçýan göçmenler, uruş-dawadan gaçýan bosgunlar şäherlere dökülýärler. Bu ýagdaýy UN-HABITAT-yň ýerine ýetiriji directory Anna Tibaýjuka «gyssagly şäherleşme» hökmünde suratlandyrýar.

Dr. Tibaýjuka «howpsuzlygy üpjün etmek we oba durmuşyny janlandyrmak syýasaty arkaly göçmenligiň gadamyny (tizligi-

ni) gowşatmak mümkin bolup biler» diýen pikirde. Eýsemde bolsa, «oba durmuşynyň islendik görnüşde osdürilmegi şäherleşmegiň gadamyny çynlakaý gowşadyp bilermi?» ýa bolmasa, «bu hereketi şular ýaly ýol bilen haýallatmak gowy zatmyka, beri?» diýen soraglar üçin jedele ýer galýar. Angliýanyň Halkara Ösüş boýunça Döwlet Departamentiniň (DFID) şäher planlaşdyryşy (gurluşygy) boýunça geňeşçisi Maýkl Mutteriň aýtmagyna görä köp ýurtlarda obalaryň iň ýokary «dartyş mümkinçiligine» ýetilendigini tassyklaýan aýdyň görkezijiler bar. XVIII asyrda Ýewropada bolşy ýaly, ilat sanynyň artmagy we oba hojalyk tehnologiýasynyň ösmegi oba ýerlerinde artykmaç ilatyň ýüze çykmagyna getirýär. Şol artykmaç ilat-da eklenç (gazanç) üçin bir ýerlere gitmeli bolýar.

Dogrudan-da, käbir adamlar bu meselede has öte geçip: «Hökümetler, halkara ýardamçylar we agentlikler obany ösdürmäge has köp pul sarp edip, şäherleri gözden salýarlar» diýen ýaly çekişmelere-de girişýärler. Köp ýurtlaryň obalary ösdürmäge gönükdirilen syýasaty bar, ýöne şäherleri ösdürmäge gönükdirilen syýasaty bolan yurt azdyr. Mysal üçin, DFID öz büjetiniň diňe ýüzden bäş bölegini gös-göni şäher ösüşine sarp edýär. Has beteri-de, bu tankytçylar obalaryň arassaçylyk (sanitar) ýagdaýynyň şäheriňkiden pesligi, sowatsyzlygyň ýokarylygy we öýsüzleriň köplügi aýdylýanam bolsa, bu maglumatlaryň takyk däldigini (ýalňyşdyryjydygyny) nygtaýarlar. Sowatsyzlygyň, öýsüzligiň ýa kanalizasiýaly hajathana barmak mümkinçliginiň bolmazlygynyň oba ýerlerinden beter gür ilatly şäherlere mahsus problemadygy hakykatdyr.

## Halk häkimiýeti

Geçmişde şowsuzlyga uçran şäher ösdüriş planlaryndan alnan köpsanly sapaklaryň iň möhümleriniň biri-de özgerişlikleriň ýerli halky manyly ýola çekmegidir. Harabalykda ýaşaýanlar belli bir ýerde birleşip, öz gazananlaryny artdyrmak we häkimiýetler bilen has ulurak hyzmatdaşlyga girmek üçin federasiýa döredýärler.

Ýerli zerurlyklary öwrenip, harabada ýaşaýanlaryň dili hökmünde hereket edýän, bu federasiýalar harabalykda ýaşaýanlaryň ýöne bir şäher garyplarynyň birmeňzeş atsyz-sorsuz topary bolman, eýsem hakyky hyzmata mätäç hakyky adamlardygyny subut etmegiň hötdesinden geldiler. Şeýle hem, olar ýa wagtlaýyn ýaşamaga kepillendirme, ýa has gowusy, resmi eýeçilik statusyny gazanmak arkaly özleriniň howpsuzlygyny güýçlendirmek ugrunda häkimiýetlere gysyş görkezip bildiler. Şular ýaly kepillendirmeler adamlary öý-öwzarlaryny we ýaşaýyş şertlerini düzetmäge (gowulaşdyrmaga) iterýär. Bu bolsa, harabalygy şäher etegine öwürmek ugrunda ilkinji aýgytly ädimdir.

Hemme hökümet raýatlarynyň «merkezden daşlaşmagynyň» tarapdary hem däl, olaryň käbirleri ýerli guramalara ýol bermeýärler, çünki olar muny özlerine bir howp bilýärler. Olaryň bu pikiri dogrumy, nädogrumy, ýöne UN-HABITAT şäher häkimiýetlerine we ýerli adamlara köp hukuk (häkimiýet) berilmegine şäherleşme hereketiniň möhüm bölegi hökmünde garaýar.

Köpler Bütindünýä Şäherleşme forumynyň peýdasyna ynanmaýar. Dr. Tibaýjuka özüniň forumdan maksadynyň «döwrüň hakykatyndan habardar etmek» we şäherleşmek boýunça strategiýany işläp düzmekdigini (ösdürmekdigini) aýdýar. Ykdysady ösüşiň öňi-soňy bu mesele bilen ýüzbe-ýüz boljakdygyna kän bir şübhelenmese-de bolar, emma akyllybaşly içerki syýasat bu işleri tizleşdirip biler. Garyplar, belli bir derejede, hemişe seniň bilen bolup bilseler-de gedaýlar muny etmän biler. Şäher durmuşy we siwilizasiýa hemmeler üçin elýeterli bolmalydyr.

*Ekonomist žurnalyň rugsaty bilen çap edilýär. Başgalar üçin çap etmek gadagan. www.economist.com*

## PARAHATÇYLYK KORPUSYNYŇ MEÝLETINÇISI NEÝT TRUIT BILEN SÖHBETDEŞLIK

***Sorag: Türkmenistanda alyp barýan işiňiz we ýaşaýan ýeriňiz barada gysgaça gürrüň beräýseňiz.***

Jogap: Men Türkmenistanda ýaşaýaryn we şu şäherde ýerleşýän iňlis dili çüňlaşdyryp öwrenilýän ýöriteleşdirilen 2-nji mekdepde iňlis dili mugallymy bolup işleýärin. Hepdede jemi 10 sagat sapak berýärin we ol sapaklary, esasan hem, ýokary 6,7 we 8-nji klaslarda alyp barýaryn. Kiçi çagalary okatmak meniň üçin biraz kynrak bolýar, sebäbi olara iňlis dilini öwretmek üçin men türkmen ýa-da rus dilini ýeterlik derejede bilmeýärin. Men şeýle hem Türkmenistandaky ýerleşýän dürli dil merkezlerinde işleýärin. Ýaňy ýakynda bolsa men ýerli bilim bölümi (ministrligi) bilen işe başladym. Men bu ýerde iňlis dili mugallymlarynyň iş derejelerini ýokarlandyrmaga, iňlis dilini okatmagyň usulnamasyny görkezmäge, ýa-da olaryň iňlis dili boýunça tejribe işlerini ýola goýmaga ýardam edýärin. Mugallymlaryň adatça Amerika barada, esasan köp soraglary ýüze çykýar, şeýlelikde meniň esasy işim olaryň Amerika baradaky soraglaryna jogap bermekden ybarat diýen ýalydyr.

***Sorag: Siz öň hem bu ýerde bolupdyňyz. Umuman, siz Türkmenistana geleniňize näçe wagt boldy?***

Jogap: Men bu ýerde 17 aýdan bäri. Ilkibaşda bir ýyl boldum. Soňra 11-nji sentýabr hadysasy sebäpli men hem gitmeli boldum. Ondan soň men yzyma aprel aýynda dolanyp geldim. Şeýlelikde, Türkmenistanda men jemi 17 aý boldum.

***Sorag: Öz aslyňyz barada aýdyp beräýseňiz. Siz nirede önüp ösdüňiz? Parahatçylyk Korpusyna gelmegiňizden öň näme bilen meşgullanýardyňyz?***

Jogap: Men Türkmenistana örän meňzeş Ýuta ştatynda doguldym. Onuň Turkmenistana meňzeşligine men diýseň guwanýaryn. Umuman, men Ýuta we Kolorado ştatlarynda, esasan hem, oba hojalyk ýerlerinde önüp-ösdüm. Türkmenistan aslynda maňa tanyş ýer diýen ýaly. Bu ýer meniň başga bolan ýerlerimden yssyrak. Ýokary okuw mekdepde iňlis edebiýatyny öwrendim. Mekdepden soň men näme bilen meşgullanjakdygymy doly bilemokdym. Şeýlelikde, men Parahatçylyk Korpusyna baryp, söhbetdeşlige gatnaşdym. Olar maňa Türkmenistana gitmelidigimi aýdanlarynda, men haýran galmakdan ýaňa: «Türkmenistan nirede?» diýip sorapdym. Ine, men bu gün Türkmenistanda. Maňa bu ýeri diýseň ýaraýar. Men şu gözel ýurda gelenime, şadyýan adamlar bilen işleşýänime begenýärin. Şu ýurda gaýtmak baradaky çözgüde gelenim üçin, men özümden hoşal.

***Sorag: Näme üçin siz öz çözgüdiňizi dogry hasaplaýarsyňyz?***

Jogap: Birinjiden, Türkmenistan ýurdy we onuň halky bilen tanyşmaklyk meniň göwnüme ýarady. Bu zatlar amerikanlylaryň aňy üçin onçakly bir adaty däl, we şonuň üçin hem olara öwrenişmek kyn bolýar. Sen köp zatlary öwrenmeli, gelen ýurduň dilini bilmeli we mundan başga-da sen onuň däp-dessury bilen tanyş bolmaly. Bu bolsa seniň gözýetimiňi giňeldýär. Men Türkmenistanda bir ýyl bolup, Amerika dolanyp baranymdan soň, men özümi has arkaýyn, rahat ýe ynamly duýdum. Sebäbi men bu ýere gelen günlerim dürli kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolup gördüm. Şondan soň Amerikada duş gelen islendik bir mesele meniň üçin o diýen kynçylygy döretmedi. Islendik kynçylygy ýeňip geçmegi başaryp bolýandygyna men hut şu ýerde-de göz ýetirdim. Bir zat aýtmak isleýärin. Ony menden öňki meýletinçiler hem aýdypdyrlar: "Siziň bilşiňiz ýaly, biz Türkmenistana elinimizden gelen kömegi bermäge synanşýarys, ýöne bu babatda her meýletinçiniň Türkmenistana beren zadyndan öwrenýän zadynyň köpdügini arkaýyn aýdyp bileris. Bu ýurtdan hakykatdan hem köp zatlary öwrenip bolýan ekeni. Munuň üçin men minnetdarlygymy aýdasym gelýär.»

***Sorag: Örän gyzykly. Siz Türkmenistanda näçe wagt bolmakçy?***

Jogap: Men bu ýerde iň bolmanda noýabra çenli bolaryn. Ýöne meniň Türkmenistandaky saparymyň wagtyny uzaltmaga-da mümkinçilik bar. Ol mümkinçilikden bolsa men peýdalanmagym hem mümkin.

***Sorag: Siz Parahatçylyk Korpusyndan soň näme bilen meşgullanmakçy?***

Jogap: Men halkara guramalarynda işlemek isleýärin. Emma haýsysy bilen işlejegimi entek bilemok. Umaman, meniň başga ýurtlarda ýaşasym gelýär, ýagny ýaşaýyş şertleri gyzykly hem dürli bolan ýurtlarda. Ýöne beýle diýsem ol Birleşen Ştatlardaky ýaşaýyş şertlerinden pes bolmaly diýmegi aňlatmaýar.

***Sorag: Türkmenistanda sizde has uly täsir galdyran zat näme?***

Jogap: Türkmen halkynyň myhmansöýerligi. Siziň her bir söhbetdeş bolup görýän adamyňyzdan alýan jogabyňyz hem şudur diýip ynanýaryn. Meni elmydama haýran galdyrýan zatlaryň biri hem, meniň bilen entek duşuşyp görmedik, tanyş bolmadyk adamlaryň meni tanaýan başga adamyň üsti bilen öýüne myhmançylyga çagyrmagydyr. Maliýe taýdan kynçylyk çekýän we ýeterlik derejede pul gazanmaýan maşgalalaryň öýüne baryp, ol ýerde seniň üçin taýýarlanan dürli tagamlary görmeklik meni diýseň haýran galdyrýar. Bu zatlaryň ählisi olara gymmat düşýär.

***Sorag: Bu ýerde alyp barýan işiňizdäki üstünlikleriňiz barada ýa-da ýörite ornaşdyrýan taslamalaryňyz barada aýdyp geçäýseňiz.***

Jogap: Iň gowy taslamaňyzyň biri geçen ýyl Lebap welaýatynda iňlis dili mugallymlary üçin guralan on günlük tomusky iňlis dili öwreniş boýunça maslahat boldy. Maslahatda biz Lebap welaýatynyň ähli künjeginden gelen mugallymlary mümkin boldugyça köpräk iňlis dilinde gürleşmäge mejbur etdik. Bu maslahatda biz Amerika we Türkmenistan barada we başga-da mugallymlary gyzyklandyrýan zatlar barada dürli seminarlary geçirdik. Umuman, bu maslahat öň hakyky amerikalylara duşmadyk adamlar we mugallymlar üçin özleriniň iňlis dilini kämilleşdirmegi üçin gowy mümkinçilik boldy. Biz

hem bu ýerde entek bu welaýatda bolup görmedik ýerimizden gelen adamlar bilen tanyşdyk. Şeýlelikde bu meniň iň gyzykly we üstünlikli taslamalarymyň biri boldy.

***Sorag: Siz Amerikadaky maşgalaňyz barada giňişleýin gürrüň berip bilermisiňizmi?***

Jogap: Meniň ejem 50 ýaşynda, kakam 49 ýaşynda. Olar ikisi hem käri boýunça mugallym. Erkek doganym bolsa, häzir kollejde žurnalistika bölüminde okaýar. Biz maşgalamyz bilen birlikde köp wagtymyzy açyk howada geçirmegi halaýarys. Bu bolsa maňa Türkmenistandaky ýerli şertlere uýgunlaşmaga, öwrenişmäge köp kömek etdi. Mysal üçin tomus paslynyň dowamynda biz çöle gezelenje gidýäris. Türkmenistanyň çölüniň yssysy örän gazaply. Emma bu yssyny birinji gezek göremok. Ony öň hem ençeme gezek başdan geçiripdim. Meniň garry enem hem atam hem bar. Ýöne olar ejem-kakam bilen bir şäherde ýaşamaýarlar. Biziň maşgalamyzyň uly bölegi Kolorado ştatynyň merkezinde, has takygy Grili şäherinde ýaşaýar. Grili şäheri maňa türkmen obalaryny ýatladýarlar. Grili şäherinde hem her maşgalanyň öz jaýy ýa-da jaýlaryň toplumy bar. Şeýle hem ol ýerde gara mallary ösdürip ýetişdirmek üçin uly ferma bar. Bu şäher özboluşly bir oba hojalygyna ýöriteleşen şähere meňzeýär.

***Sorag: Türkmenistanda has göwnüňize ýaran ýer nire?***

Jogap: Türkmenabat. Men Türkmenabady gowy görýärin. Haçanda türkmenabatlylar menden: «Seniň Türkmenistanda söýgüli şäheriň haýsy?» diýip soranlarynda, men olara Türkmenabat diýip jogap berýärin. Elbetde, olar maňa ynanmaýarlar, sebäbi olaryň söýgüli şäheri Aşgabat. Ýöne men dogrudan hem Türkmenabady halaýaryn. Sebäbini özüm hem bilemok. Belkäm ol şäheriň nähilidir bir özüne çekiji häsiýeti bardyr. Bu ýerde köp milletiň wekili ýaşaýar. Özlerem şeýle bir agzybir ýaşaýarlar. Bu bolsa Türkmenabadyň medeniýetini janly ýaly görkezýär, sebäbi bu ýerde köp milletli adamlar ýaşaýarlar, ýagny özbekler, türkmenler, ruslar. Meniň pikirimçe, bu agzybir halklaryň däp-dessurlarynyň biri-birine garyşmagynda. Meselem, Türkmenabatda siz günbatar nysakly geýimdäki adam bilen hakyky türkmen eşigine geýnen adamyň köçäniň ugrunda bile ýöräp barýanyny görersiňiz. Siz olary diňe bir Türkmenabatda däl, eýsem Türkmenistanyň islendik ýerinde-de görüp bilersiňiz, ýöne Türkmenabatda olar birek-birek bilen gatnaşyp ýaşaýarlar, dostlaşýarlar.

***Sorag: Siz özüňizi Türkmenistana haýsydyr bir tarapdan bagly diýip duýýarsyňyzmy?***

Jogap: Hawa, haçanda men syýahatçylar üçin ýazylan ktiapçany okanymda şeýle zatlara duş gelýärin. Ýagny onda; «Türkmenabada geljek bolup azara galyp ýörmäň, ol ýerde görer ýaly zat ýok» – diýip aýdylýar. Muňa meniň erbet gaharym gelýär. Sebäbi Türkmenabatda, umaman, Türkmenistanda gelip görmäge juda köp zatlar bar. Türkmenistan üçin erbet söz eşitsem ýürekden gynanýaryn.



*Neýt ýerli oglan we gyz jigileri bilen.*
*«Bu Türkmenistanda iň şadyýan maşgaladyr»*

***Sorag: Siz Türkmenistanyň geljeginiň nähili bolmagyny isleýärsiňiz?***

Jogap: Ilki bilen-ä men türkmenleriň şu wagtky däp-dessurlaryny saklamagyny isleýärin. Ýöne bilime köpräk üns berilse, has gowy boljakdygyna ynanýaryn. Elbetde, häzir hem bilim meselesine az üns berilmeýär. Emma oňa köpräk üns berilse, islendik ýerde-de has gowy netijeleri gazanyp boljakdygyny bilýäris. Şeýle hem, adamlaryň biri-birine köpräk ynanmagyny isleýärin. Sebäbi Türkmenabatda men muňa kän gabat gelýärin. Meslem, bir adam başda bir adam barada erbet zat aýdýar we ol adam başga bir adam barada erbet zat aýdýar. Bu bolsa juda gynançly ýagdaýdyr. Sebäbi, olaryň ählisi gujur-gaýratly, işewür adamlar. Olar ýurduna örän wepaly hem-de onuň geljegine ynanýarlar. Eger-de olar biri-birinden aýratyn işlemän, bilelikde hereket etseler, meniň pikirimçe, olaryň her işinde uly ösüş bolardy. Olarda özara gatnaşyk örän jebisleşen. Emma bu gatnaşygyň ösüşi diňe bir biziň jemliligimizi aňlatmaýar. Bu ýerde biziň bitewi bir jebislige öwrülmegimiz zerur.

***Sorag: Siziň ýene-de aýtjak-goýjak zadyňyz barmy?***

Jogap: Şu ýerde meniň türkmen talyplaryna berjek maslahatym bar. Bilim almaga hiç wagt ýaltanmaň. Köpräk okaň, öwreniň. Öz mugallymlaryňyzy sylaň, hormatlaň. Sebäbi men olar bilen bile işleýärin. Dünýäde türkmen mugallymlary ýaly örän janypkeş, yhlasly işleýän mugallymlar hiç ýerde ýokdur. Mugallymlar aslynda iň az zähmet haky tölenýän adamlar. Muňa seretmezden olaryň berýän bilimleri ýürekden. Ýöne kä halatlarda talyplaryň öz mugallymlaryna sarpa goýmaýandyklaryny görenimde birhili ýüregim paralanýar. Olar öz mugallymlaryna hormat goýmalydyrlar, bolmasa biz olara çäre görmeli bolarys.

# ABŞ-NYŇ DÖWLET DEPARTAMENTI KONSULLUK BÝUROSY

**HER ÝYL GEÇIRILÝÄN «DV-2004» MAKSATNAMASY 2002-NJI ÝYLYŇ 21-NJI AWGUSTYNDA YGLAN EDILDI.**

Şol maksatnama her ýyl ABŞ-a immigrasiya derejesi pes bolan ýurtlaryň 50,000 adamyna ABŞ-da hemişelik ýaşamak hukugyny berýär. Bu lotereýanyň ýeňijileri kompýuter arkaly saýlanylýar. Gatnaşyjylar Ýewropada doglan bolsalar (Turkmenistan, Russiýa we beýleki GDA-nyň ýürtlary hem Yewropa girýar) öz arzalaryny aşakdaky berilen adresa ibermelidirler:

DV Program
Kentucky Consular Center
3003 Visa Crest
Migrate, KY 41903-3000
U.S.A.

**«DV-2004» LOTEREÝA GATNAŞMAK ÜÇIN ARAZALAR KENTUKI STATYNDAKY KONSULLUK MERKEZI TARAPYNDAN 2002 ÝYLYŇ 7 OKTÝABRYNDAN 6 NOÝABRYNA ÇENLI KABUL EDILÝÄR. GÖRKEZILEN WAGTDAN IR ÝA-DA GIÇ BARAN ARZALAR KABUL EDILMEÝÄR. EGER-DE GATNASYJY ÝEWROPADA DOGULMADYK BOLSA, ABŞ-NYŇ ILÇIHANASYNDAKY KONSULLUK GULLUGYNDAN 35-00-45 TEL. ÜSTI BILEN DOGRY ADRES ALMALY.**

**GATNAŞYJYLARA BOLAN TALAPLAR:**

Lotereýa gatnaşmak üçin orta bilim attestaty (ABŞ-da orta bilim diýlende 12 ýyllyk başlangyç we orta bilim attestaty göz öňünde tutulýar), ýa-da soňky bäş ýylyň içinde iki ýyllyk iş tejribesi bolmaly. Bu barada giňräk maglumat http://travel.state.gov saýtynda elýeterlidir. Gatnaşyjylaryň ýasy çäklendirilen däldir, ýöne bilim baradaky attestat talaby çagalara gatnaşmaga mümkinçilik bermeýär. (Eger-de ene-atasy ýeňiji saýlanylsa, olaryň çagalary hem wiza alýarlar).

Gatnaşyjylaryň diňe bir arza tabşyrmaga haky bardyr. Eger-de arza birden köp bolsa, gatnaşyjy gatnaşmak hukugyny ýitirýär. Lotereýa gatanaşmak üçin ýorite anketa ýokdur. Arza ak kagyzyň ýüzüne basmaça harp bilen ýazylmaly. Iňlis dilinde özüňiz barada aşakdaky maglumatlary bermeli:

1. Doly familiýaňyz, adyňyz, atаňyzyň ady; familiýaňyzyň aşagyny çyzyň;

2. Doglan senäňiz hem ýeriňiz.

3. Doglan ýurduňyz.

4. Öz aýalyňyzyň (äriňiziň), öz hem-de öweý çagalaryňyzyň (durmuşa çykmadyk hem 21 ýaşyna ýetmedik bolmaly), kanun boýunça ogullyk/gyzlyk alnan çagalaryňyzyň doly adyny, doglan senesini hem ýerini ýazmaly. Nädogry maglumat berilse gatnaşmak hukugy ýitirilýär.

5. Poçta adresiňiz.

6. Surat (soňky wagtlarda aldyrylan bolmaly): 4-nji soragda berlen hemme maşgala agzalaryň aýratynlykda alnan suratlary ýelmenýän lenta (skotç) bilen ýelmenen bolmaly. Suratlary stepler bilen birikdirmeli däl. Hemme suratlaryň arka ýüzünde basmaça atlaryny we doglan wagtyny ýazmaly. Köplük bolup düşülen surat kabul edilmeýär. Suratlaryň giňligi hem uzynlygy 1,5-den 2 dýuýma çenli bolmaly (35–50 mm), ol göni fotoapparata seredip alnan surat bolmaly; suratyň ýerligi ak ýa-da açyk rňnk hem-de adamyň ýüzi suratyň 50 %-ni tutmalydyr. Gara äýnekli surat, ýa-da kellesi harby ýa-da dini ynanç bilen bagly bolmadyk geýymli surat kabul edilmeýär. Adamyň eýerýän dini däpleri bilen baglanyşykly kellä geýilýän geýimli surat kabul edilip bilner, ýöne adamyň ýüzi doly görünmeli. Surat ak-gara ýa-da reňkli bolup biler.

7. Gatnaşyjy arzada öz goluny çekmelidir, eger-de gatnaşyjy iňlis dilinde gol çeken bolsa, we öz diliniň elipbiýi başga bolsa, gapdalynda öz dilinde-de goluny çekmeli. Gola derek basmaça ýa-da adamyň adynyň baş harplary goýlan arza kabul edilmeýär. Gatnaşmak barada arzaňyzy diňe ýönekeý ýa-da awia poçta bilen ýokarda görkezilen adrese ibermeli. Başga usulda iberilen arzalar kabul edilmeýär. Hat bukjanyň uzynlygy 6-dan 10 dýuýma çenli bolmaly (15-den 25 sm), giňligi bolsa 3,5-den 4,5 dýuýma çenli bolmaly (9-dan 11 sm). Uly ölçegli hat bukçalar kabul edilmeýär. Gatnaşyjy öz doglan ýurduny, doly adyny hem doly poçta adresini ýazmaly. Doglan hem ýasaýan ýurdy deň gelse-de, ony iki gezek ýazmaly. Iberilen arza şol talaplara laýyk gelmese kabul edilmeýär. Ýeňijilere poçta üsti bilen habar ediler we soňraky gözükdirmeler 2003-nji ýylyň maýyndan iýul aralygynda iberiler. Ýeňiji bolmadyklara habar iberilmeýär. ABŞ-nyň ilçihanasy lotereýanyň netijeleri barada maglumat almaýar. Ýeňiji bolanlaryň maşgala agzalary (durmuşa çykmadyk we 21 ýaşa ýetmedik çagalary) wiza alýarlar. Är-aýala aýratyn arza bermek zerurlygy ýok, ýone bermek rugsat edilýär.

***Wizalar 2003-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan 2004-nji ýylyň 30 sentýabryna çenli berler. Wiza almak üçin ýeňijiler ABŞ-nyň kanunlarynyň hemme talaplaryna laýyk gelmelidirler. Lotereýa gatnaşmak üçin töleg alynmaýar. Emma ýeňijiler hemme immigrasiýa wiza alýanlar bilen bir hatarda wiza tölеglerini geçirmelidirler. Lotereýa bilen baglanyşykly soraglar boýunça ABŞ-nyň ilçihanasyna, Konsulluk bölümine 35-00-45 telefon arkaly ýüz tutup bilersiňiz.***

## *Üns beriň!*

***«DV» Lotereýa gatnaşmak üçin hiç hili başlangyç töleg alynmaýar.***

*ABŞ-nyň hökümeti DV maksatnamany geçirmek üçin özge maslahatçylaryň hem-de hususy poçta gulluklaryň hyzmatlaryny ulanmaýar. Hemme arada durýanlara hem lotereýa gatnaşmak üçin arza doldurmak hyzmatyny hödürleýänlere ABŞ-nyň hökümeti tarapyndan ygtyýar hem razylyk berlen däldir. Gatnaşmaga arza berlende arada durýanlaryň hyzmatyny ulanmak çözgüdi gatnaşyjynyň özüne bagly bolýar.*

*Talaba laýyk doldurylan gatnaşyjynyň özi ýa-da arada durýan, pul alýan gurama tarapyndan iberilen arzalaryň Kentuki ştatynyň Konsulluk gullugynyň kompýuterleri tarapyndan ýeňiji saýlanmak ähtimallygy deňdir. Arzany bellenilen wagtdan öň tabşyrmak ýa-da arza iberilýän ýurt üstünlige täsir etmeýär. Bellenilen wagtyň içinde alnan arzalaryň komputer arkaly ýeňiji saýlanmak ähtimallygy deňdir. Ýone gatnaşyjy bir arzadan köp iberse, lotereýa arzalarynyň registrasiýasyna göýberilmeýär.*

# GARAŞSYZLYK JARNAMASY – 4-NJI IÝUL 1776-NJY ÝYL

Adamzat taryhynyň gidişinde bir halk ony beýleki halk bilen baglanyşdyrýan syýasy düwünleri çözmeli we dünýädäki döwletleriň arasynda tebigatyň we Ýaradanyň kanunlary esasynda hukugy bolan garaşsyz ýagdaýa eýe bolmaly bolanda, ynsanyýetiň pikirinde bolan hormat ony bölünip aýrylmaga iterýän sebäpleri beýan etmäge borçly edýär.

Biz aşakda beýan ediljek hakykatlaryň öz-özünden aýdyňdygyna ynanýarys: hemme adamlar deň ýaradylandyr, olara Ýaradan tarapyndan elinden alyp bolmajak hukuklar berlendir. Bular ýaşaýyşa hukuk, azatlyga we bagta ymtylma hukuklarydyr. Bu hukuklary goramak üçin adamlar adyllygy dolandyrylýanlaryň razyçylygyndan susup alýan hökümetler döredýärler. Eger-de haýsydyr bir hökümet gurluşy bu esaslary weýran edýän bolsa, halkyň ony üýtgetmäge ýa ýatyryp, halkyň howpsuzlygyny we abadançylygyny iň gowy şekilde üpjün edip biljek esaslara daýanýan we dolandyryş şekilini gurýan täze bir gurluş berkarar etmäge haky bardyr.

**4-nji iýul – Garaşsyzlyk Güni**

Birleşen Ştatlaryň garaşsyzlygynyň resmi ýyl dönümi, 1776-njy ýylda Kongressiň Garaşsyzlyk baradaky Jarnama gol çekenligini alamatlandyrýar.

1784-nji ýylda Amerikadaky 13 koloniýa Angliýanyň berk agalygy astynda dolandyrylýardy. Koloniýaçylaryň arasynda Britaniýanyň özleriniň boýnuna atan zabun kanunlaryndan we parlamentde amerikalylaryň wekiliniň ýoklygyndan närazylyklar barha ösýärdi. Aýratyn hem, Angliýa tölenýän agyr salgytlar gahary joşdurýardy. Koloniýalarda bulagaýlyk artyp başlandan, Angliýa Koroly Jorj III ol ýerde tertibi saklamak üçin goşmaça goşun iberdi. Dartgynlyklar garaşsyzlyk urşuna ösüp barýardy. 1776-njy ýylyň iýun aýynda garaşsyzlygyň Beýik Britaniýa bilen baglaryny gyrjak formal jarnamasyny düzmek üçin bir komitet döredildi. Bu gün bu komitetiň agzalarynyň atlary Amerikada iň hormatly adamlaryň hatarynda tutulýar. Olaryň iň meşhury Tomas Jeferson, Benjamin Franklin, Jon Adams, Samuel Adams we Jon Hankokdyr. 13 koloniýanyň 9-y Jarnamany goldap ses berdi. Taryh çarhyny öwürmek üçin bu ýeterlikdi.

Adatça, 4-nji iýul baýramy tutuş Amerikada gezelençleri, paradlary, baýdaklary we feýerwekleri aňladýar.

*2002-nji ýylyň 4-nji iýulynda ABŞ-nyň garaşsyz bolandygyna 226 ýyl doldy.*

*1826-njy ýylyň 24-nji iýunynda agyr hassa Tomas Jeferson Rojer S. Waýtmäne Garaşsyzlyk jarnamasynyň 50 ýyllygyny baýram etmäge taýynlyk görmek üçin Waşingtona, D. C. gelmegini haýyş edip, hat iberdi. Bu hatda Jeferson şeýle diýýär:*

*«Mümkin, meniň ynanýan zadym dünýä üçin zynjyrlaryny gyrmak, öz-özüňi dolandyrmaga pata we kepillik almak üçin galkan adamy aňladar. Biziň çalşyran şekilimiz akylyň hiç zat bilen çäklendirilmedik ösüşine we pikir azatlygyna bolan erkin hukugy täzeden dikeldýär. Ähli gözler ynsan hukuklaryna tarap açyk (garaýar) ýa-da açylýar (garar)... Goý, bu günüň baýram edilmegi biziň bu hukuklar baradaky hatyralarymyzy we oňa bolan mizemez wepalylygymyzy baky täzeläp dursun.»*

ABŞ-nyň Ilçihanasy
Aşgabat, Türkmenistan
www.usemb-ashgabat.rpo.at